# Beýlekiler nirede?

Category: Kitapcy,Medisina,Nukdaýnazar,Psihologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025
Beýlekiler nirede? BEÝLEKILER NIREDE?

Wenger psihoanalisti **Şandor Ferensi** (1873-1933)…
Onuñ işlän ugurlarynyñ birem **uruş newrozynyñ ösüşi**.
Ol birinji jahan urşunda syn eden zadyny ýazdy:

*“Uruşyñ trawmasyny başdan geçiren newroz hassalarynyñ ýatan palatasyna girenimde görýän zatlaryma añk bolup galdym. Palatada hamana uçdantutma hemmesi agyr ýaralanan, hatda maýyp bolan adamyñ görnüşini berýän ellä golaý näsag bardy. Käbirleri hereket edip bilenokdy, käbirlerine bolsa çala gymyldadygy aýaklarynyñ çakdanaşa titremegine getirýärdi, olaryñ sesi ýer sürýän azalyñ sesini basýar diýen ýalydy. Iñ gözeilginç ýerem titrewükleriñ ýöreýşidi, olaryñ bolşy ysmaza uçranlaryñ bolşuny ýatladýardy. Dürli-dürli titreme, gagşama, üýşenme we gowşaklyk alamatlarynyñ utgaşmagy diñe artistiñ özboluşly hereket edip biljek keşbidi…”*

Bu setirler mende şu soraglary döretdi:
Bugün ýurdumyzda COV 19 wakalary meselesinde könekileriñ “tejâhül-i ârif” diýýän ritoriki soraglaryñ üstünden jedel ýöredilýär:
– Lukmançylyk barlagyndan geçirilýänleriiñ gündelik görkezijisi…
– Her günde kesele ýoluganlaryñ jemi sany…
– Gündelik aradan çykýanlaryñ sany…
Saglygy goraýyş ministrliginiñ berýän statistiki maglumatlarynyñ üstünde çekişmeler häzirem dowam edýär.
Psihoanalitik Ferensiniñ syn eden epizodyna gollansak, şuny sorap bileris:
*– Dürli wirus görnüşindäki dümewli näsaglaryñ näçesi “maña koronawirus ýolugypdyr öýdýän” diýip hassahana ýüz tutupdyr ýa ýüz tutýar?*

Öňümiz-ardymyz, sagymyz-solumyz durşuna koronawirusly näsaglardan doly. Ýeri, koronawirusdan daşgaryn beýleki wiruslaryň sebäp bolýan dümew-influenza näsaglary nirede? Ýa bolmasa dümew näsaglary özleri-de bilmezden özlerini koronawirusly hasaplaýarmyka? Çünki muny biri-birinden aýyl-saýyl etmek hiç aňsat däl…

## ■ BEÝLEKI WIRUSLAR

Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň (BSGG) we ABŞ-nyň Kesellere gözegçilik we öňüni alyş merkezleriniň (CDC) berýän maglumatlaryna görä, her ýyl dümew häsiýetli ýokanç kesellere 11%-i influenza we RSV wiruslary, 14%-i SARS-dan MERS-e CoV maşgalasyna degişli wiruslary, 29%-i Rhino wiruslary we galan 46%-ni bolsa näbelli wiruslar sebäp bolýardy.

Hut şol maglumatlara görä ýylda hermüň adamdan biri dümewden ynjalyksyzlanyp ýogalýan eken. Ölenleriň 5-14%-i kowid wirusy sebäplidi…

Ýurdumyzda her ýyl dümew bilen baglanşykly ölýänleriň sany ortaça 80 müňe ýetýär we munuň 4-11 müň aralygyndakysy kowid sebäpli bolup geçýär.

Mediýada bir ýyl mundan öň diňe şeýle görkezijileriň üstünde pikir alşylardy, jedel edilerdi. Bugün diňe kowid-19 bar! Emma wirus görnüşleriniň döredýän dümewi wr munuň bilen baglanyşykly ölümleri indi agzaýan ýok!

Näbileýin: 2009-2010-njy ýylyň dümew möwsüminde epidemiýa sebäp bolan **influenza A** maşgalasyndan **H1N1** wirusy bardy…

Näbileýin: 2014-2015-nji ýylyň dümew möwsüminde iň köp gabat gelinen **influenza A** maşgalasyndan **H3N2** wirusy bardy…

Wiruslaryň barsy mutasiýa uçrap täsirini ýitiräýdimiä? Nirede “beýleki” wiruslaryň döredýän keselleri?

## ■ GYRMYZY OTAG

«Gyrmyzy otag» (“Kırmızı Oda”) teleserialynyň 15-nji bölüminde «Monjugyň kyssasyna» gabat geldim. Ünsümi çekdi-de, serialyň birinji bölümini tapyp “Meliha hanymyň kyssasyna-da” tomaşa etdim.

Maña gabat geldimi, bilmedim: «Lukman hanym» kabul eden iki näsagyna-da dessine derman ýazyp berdi. Yzyndan şol iki näsag öz janyna kast etdi!
“Gara guty” kitabymyñ bir bölümini psihologiýa-psihiyatriýa aýyrdym. Dünýäde bolup geçýän jedeliñ ýurdumyzda-da bolmagyny isledim: Neoliberal psihiatriýanyñ düşüren güni. Galyberse-de, ýagdaýyny tapsa amerikan gollanma kitaplaryna seredip derman ýazyp berme başdansowmalygynyñ üstünde durdum.
Ahmet Hamdi Tanpynar **“Sagatlary sazlama instituty”** romanynda şeýle ýazdy:
**“Psihoanalitika çykany bäri hemmeler azda-kände näsagdyr.”**
Bary-ýogy iki bölümine tomaşa edendigim üçin serial barada gutarnykly pikire gelmek islämok. Ýöne onuñ neoliberalizmiñ döreden çöküşligininñ adam durmuşyna nähili düýpli täsir edişini-de suratlandyrýandyr diýip umyt edýärin. Ýa-da dermanlaryñ döredýän agyr goşmaça täsirinden söz açýandyr.
Günbatarda **«Prozac»** ýaly dermanlaryñ adamy “beýnisiz” goýma ýaly ýykgynçylygyna bagyşlanyp birgiden kitaplar ýazyldy, kinofilmler surata düşürildi. Bular ýurdumyzda haçan amala aşyrylarka?
Gürrüñimi biraz uzatdym. Aýtjak bolýan zadym şu:
COV 19 gorkusynyñ döreden trawmalary ýaly psihologiki nukdaýnazarlar ylmy-barlag işlerine tema bolýarmy? Ýogsa-da näçe kişi koronawirus näsagynyñ bolşuny gaýtalaýar?
Şandor Ferensi bugün hassahanalara aýlanyp görse, käbir palatalarda gaýtalanýan trawmalary görerdimikä eýse?

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 23.12.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW Medisina